Ahmet Halmyrat

# Ylham

Depseň deprenmejek döwletli baýyň toý – tomaşasy uzga çekdi. Türkmen il – ulusynyň uzagyndan – ýakynyndan gelen bagşy – sazandalar uzakly gije aýdym aýdyp, saz çalyp, daňy – daňlary atardylar. Üçülenji gün agşam aýratyn bir jaýda saz diňläp, serini durlajak kethuda – aksakallar, maňyzly – meňzeşikli jahyl ýigitler täze dikilen alty ganat ak öýe jemlendiler. .. Törde oturan meşhur sazanda olaryň hersi bilen sypaýy salamlaşýardy, baş atyp hal – ahwal soraşýardy. .. Iňrik garalandan soň, gupba ýaly bolup oturan bu öýüň bütin durky owazdan doldy... Hat – da, tüýnükden çykýan ak tüsse – de burum – burum burugsap, ak ýyldyzlary patrak ýaly asmanyň göm – gök alyslyklaryna saz bolup ýaýrap gidýärdi. Saýhally sazlar, agyr – agyr mukamlar bu oturanlaryň her birini öz kalbyna, öz hakydasynasyýyahata alyp gidýärdi. Elbetde, saz diňlemekden maksat şol. Sazdan her kim öz geregini alýardy... Mukamlar arasyndaky böwşeňlikde edilýän ýuwaş – ýumşak gürrüňler täzeden ýaňlanyp başlanýan dutaryň owazyna hamala rowaýat kyssasy ýaly siňip gidýärdi. Sebäbi bu iki arada diňe aksakallar özara hümmürdeşip, sazanda baş atýardylar...

... Daňa ýakyn sazanda ýaşulylardan rugsat sorady. Tap biler adamlar minnetdarlyk sözlerini aýdyp, ýuwaş – ýuwaşdan öýli – öýlerine gaýtdylar: "Ömrüň uzak bolsun! Elleriňe güller bitsin! Ýamanlyk ýüzüni görmäweriň!"

Hyzmatda duran ýigit sazandanyň ýeke özüniň şu öýde arkaýyn dynç almalydygyny aýdyp, düşek ýazyp, çaý demläp, basyryp goýdy – da çykyp gitdi. ...

Süňňüne mukamlar bary siňen haly düşekli öý giňdi, täze tereňdi, asudady... Dutarynyň sapyna çekgesini goýup, aýbogdyşyny gurup oturan ýaş sazanda meýmireýärdi. Ol bu gijeki sazyndan, mylakatly – mähirli adamlardan hoşaldy. Ol näme üçindir ýazylgy tämiz düşege geçip, süýnüp ýatmaga howlukmaýardy. Sazanda bu gije haýsydyr bir şirin sazy çalyp ýetişmedik ýaly syýpalaýardy. Ýüpek tarlary barmagy bilen çalaja kakyp tyrňyldadýardy. Ol kimdir birine, nämedir bir zada garaşýan ýalydy. Ýa ol şu oturyşyna uklap,gözleriniň awusyny alaýjakmyka? Dogrudanam ol irkiljireýärdi. Oýaly – ukuly meýmiräp oturan sazanda bir ýakymly owazy eşidýän ýaly boldy. Bagşy aýdym aýdýarmyka? Ýok...Uzak – uzak bir ýerlerden gelýän inçeden näzik owaz eşidilip – eşidilip, üzülip – üzülip ýene – de ýaňlanýardy... Näzik owazyň tolkunlary sazandanyň humarly kalbyna dolup, çeşme – bulak ýaly akmaga başlady. .. Birdenem bu süýji owaz ony körpe çaga öwürdi – de ýumşak sallançaga salyp, hem üwräp hem hüwdüläp başlady...

.... Allan, allasy geler...
Ýatsa ukusy geler,
Ukudan oýananda
Gülleriň ysy geler – eý...
Allalar balam, allan – eý

... Sazanda dutaryny goltugyndan sypyp, zarňyldap giden sesine ukudan oýansa – da töwregine garanjaklady. Öýde sallançak ýokdy, ýöne hüwdiniň sesi eşidilýärdi.

Ol sesiň daşardan bir ýerlerden gelýändigini duýdy – da ýuwaşlyk bilen ýerinden galdy, Öýüň ýumşak gapysyny usullyk bilen açdy – da daş işige çykdy. Türkmençilikde daş çykylanda üsgürip, ähüm – ühüm edip öz barlygyny düýdürmalydy. Emma sazanda beýtse özüniň gymmatly zadyny ýitirjegini bilýärdi. Ol bu şirin owazly bilbili ürküzip biljek däldi. Sebäbi hüwdüli owaz goňşy oturan garaöýden gelýärdi. Ynjyklyk edip, aglaýan çagasyny diňdirmekçi bolýan ene uky arasynda az – kem gatyrganýardy – da soň ýene hüwdi aýtmaga başlaýardy. .. Hernäçe gelşiksiz bolsa – da sazanda bu owazy diňlemän gidp biljek däldi. Şonuň üçünem ol öz – özüne “Men gep – gybat diňlämok. Men mukam diňleýärin “ahbetin” diýip, göwünlik berdi – de ak çägäniň üstünde aýbogdyşyny gurup, ymykly oturdy.

Gelniň aýdýan hüwdisiniň sözleri sazdanam owadandy. Ol sözler sazandanyň gözüniň öňünden uçganaklap, ganat kakyp, uçup geçip gidýärdiler...

Daş okladym guşlara....
Ganaty kümüşlere...
Ýazda ýazlaga çyksak,
Gyşda gideluiň gyşlaga...

Allan – allan al çiçek
Baglarda badam bişer...

.... Ol owazyň daň sazy bilen garyşyp, ýitip gidendigini duýdy. Jahan ýagtylýardy...

***

Guşluk çagy sazanda gaýdarman boldy. Öý eýesi täzeje haly horjuny onuň öňünde goýdy. Elbetde, horjunyň gözleri halat serpaýlydy:

- Al, inim, nesip etsin. Ýeneki toýlarda görüşeliň. Sylap geldiň, hyzmat etdiň, taňry ýalkasyn, inim. Sylag serpaýyňam gutly bolsun.

Sazanda halatly haly horjuny syýpalap – syýpalap egnine atdy. Soňam özüni ugratmakçy bolup, gadyr edip gelen adamlara garady – da:

- Sag – salamat galyň.. Köp – köp sag boluň, adamlar. Öten agşam .. – diýdi – de, sazanda sakyndy. Tas ol:”Bir geň – enaýy owaz eşitdim. Maňa şondan uly baýrak gerek däl” – diýipdi. –Hawa, öten agşam ýatdan çykmajak bir agşam boldy... Ýeneki toýlarda görüşeliň - diýip, atyna talandy.
- Sag – aman bar...
- Ýoluň ak bolsun, bagşym...

... Obadan mazaly saýlanyndan soň, ol egnindäki gazma gara dutary gabyndan çykardy – da gujagyna gysdy.

Sazanda ýolboýy öten agşam daňa ýakyn eşiden owazyny öz kalbynyň jümmüşindäki duýgulary bilen garyp, dutaryň dilinde gaýtalap barýardy... Bu bir köňülden başga bir köňüle gowşurylan gymmatbaha baýrakdy...

“At basman diýen ýerine müň basarmyşyn” . Aý – ýyllaryň öwrümli ýol – ýodalary aýlap – dolap meşhur sazandany bu gün ýene – de şol oba getiripdi. .. Bäş – alty ýyl mundan ozal çigrekli güýz gijesi hüwdi – diňläp, haýran galan pursatlaryny ýatlaýan sazanda ertesi şol gelini görmän gaýdandygyna gynanýardy. “Owazy şeýle geliniň özüni – de bir görüp galaýmalydym. Indi ony kimden sorajak? Nädip sorajak?”

Ol bu soraglaryň jogabynyň tapylmajakdygyna akyl ýetirýärdi. Şonuň üçinem ol artykmaç özüni gynap oturmagyň gerek däldigine düşünip, myhman bolan ýerine üýşen adamlara saz çalyp bermegiň aladasy bilen boluberdi...

“Bu adamlar sen diýip, seniň sazyň diýip gelipdirler. Seniň pikir hyýallaryň gör, nirelerde” – diýip, sazanda öz – özüni köşeşdirjek bolýardy. Ýöne, barybir, ol şu obadan täsin bir sazy tapandygyny, şol sazyň gözbaşynyň hüwdi aýdan gelindedigini kimdir birine aýdasy gelýärdi. Ýöne ol bu syrly wakany gürrüň berse, özüniň hiç kime aýtmasyz bir gizlin syrynyň  aýan bolaýjak gorkusy ýaly wehimli bir duýgyny başdan geçirýärdi.

Sazanda giň otagda döwre gurap oturan märekä nazaryny aýlady – da dutarynyň ýüpek tarlaryna kepderiniň ganaty ýaly şelpesini kakyp saz çalmaga başlady.

... Sazlar saza, mukamlar mukama sepleşipgidip barýardy. At – owazasy ile dolan bu uly ussady görmek, onuň sazlaryny diňlemek düşünýän adam üçin tapylgysyz  bir zatdy. Şonuň üçinem daş – töwregiň märekesi wagt geçdigi saýy artyp barýardy. Giň howlynyň bir çetinde aýal – gyzlar erkek adamlardan üzňe topar bolup otyrdylar. Gyzyl çog ýaly gelin – gyzlaryň oturanda – turanda altyn – kümüş şaý – sepleri jogurdap, dutaryň owazy bilen alyşyp gidýärdi... Gyz – gelinlere tarap gabagyny galdyrman oturan sazandanyň humarly serine üýtgeşik bir pikir geldi:”Eger – de şu oturan aýal maşgalalaryň arasynda şol hüwdi aýdan gelin bar bolsa, onuň kimdigini bilip boljak ekeni...” Çalyp duran sazyny tamamlan badyna ol göwnüni bire baglady:”Synanyşyp göreýin. Hany ol barmyka? Bar bolsa öz owazyny tanap bilermikä?

... Sazandanyň şabram şelpeleriniň astyndan täze bir mähirli owaz ýaňlanmaga başlady. Bu saz akar suw ýaly akgynly hem näzikdi, ýagty hem nuranady.

Ussadyň hasaby dogry çykdy. Biri – birine gysmyljyrap oturan gelinleriň biri çaý demlemekçi bolýan ýaly bolup, bir eline çäýnek, nämeüçindir beýleki eline – de käse alyp, ýerinden turdy. Soň ýene – de aşak oturdy. Saz tamama gelende ýene – de şol hereketini gaýtalady. Ýanyndaky gelinleriň biri oňa:”Bagşa çaý guýup berjekmi?” – diýdi. Ol welin, bu soraga näme jogap berjegini bilmän “Aý, ýok – la, men – ä bilmedim” – diýdi.

***

Daň bilen ukydan oýanan sazanda dutaryny zarňyldadyp düzdi – de şol geliniň niredediir bir ýerde şu sazy ýene bir gezek diňlemek arzuwy bilen şu gara öýe tarap seredip durandygyna ynanyp hüwdüli sazy çalmaga başlady.

Gelin hakykatdanam ýary gijeden bäri şu sazyň täzeden ýaňlanaryna garaşyp otyr eken... Birmahal sazandanyň hüwdiniň owazyna garaşyşy ýaly...

***

Siz Şükür bagşynyň “Allalar balam” diýen sazyny diňläp görüpmidiňiz?